# Sen birine çalym edýäñ…

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sen birine çalym edýäñ… SEN BIRINE ÇALYM EDÝÄÑ…




*Suraý Babanyýazowa*
Sen hiç kime meňzemeýäň,
meňzemeýäň hiç bir närsä.
Ýollar ýolundan azaşýar
seni görse.

Ýöne dünýäm,
sen birine çalym edýäň
örän-örän!?

Buluda baý tüm asmanda,
gülüp duran ýekeje bir ýyldyz bor-a,
güýzüñ güni,
bütin tenin tiken gurşan giň jülgäniň göbeginde, gül gözleýän bir gyz bor-a,
ýa meýlisde,
köp içinde ýalňyz bor-a
sen şolara çalym edýäň,
örän-örän.

Gyş geler-ä, ýary gije gar ýagar-a,
säherden öñ ýüregiňde gün dogar-a,

gözleriňi ýuman wagtyň,
tümlük däl-de, görejiňi yşk yşygy dura çekip,
garaşmaýan salymyňda, galamyňdan söz çogar-a,
şygyrlaryň şeýdalygy gam-gussany berk bogar-a,
şol salyma,
salymlara çalym edýäň,
örän-örän.

Ýekelikden uýalma mähriban uýam.
Ýeke-täklige eltip bilýän
ýekelikdir.
Ol bitinlik, tükellikdir.
Ýalňyzlykda gözýaş edýän agy:ň soňy,
Arşa çatýan şadyýanlyk,
özboluşly hekaýatdyr.
Sen hiç kime meňzemeýäň,
hiç bir närsä meňzemezlik keramatdyr.

Ýöne dünýäm,
sen birine çalym edÿäň,
örän-örän!?

Gije bar-a, gündiz bar-a,
Söz gatanda aşyk oglan, diliňde bir “hergiz” bar-a,
ýa-da «garaş, heniz” bar-a.
Meňli gyzlar uýalanda,
Goçak ýigdiň gözlerinde arzuw doly deňiz bar-a,
biçärelik sözünde bir täze many, başgaça bir maňyz bar-a,
şol sözlere diňe bir mert, Magtymgula bir yz bar-a,
Gurbannazar Eziz bar-a
sen şolara çalym edÿäň
örän-örän.

Ybrahym B. 05-2022. Goşgular